## Adam we tehnologiýa

# GUTULGYSYZ

ÜNSLI OKAMAGY MASLAHAT BERÝÄRIS



Kewin Kelli

### Biziň geljegimizi kesgitlejek 12 sany tehnologiýa trendleri

Terjime eden: **Seýitmyrat GELDIÝEW**

**Terjimeçiden**

Gazetimizi öňräkden bäri okaýanlaryň ýadyna düşmegi ahmal, Kewin Kelliniň «Gutulgysyz» atly kitabynyň ilkinji çap ediläýen uçurlary bu eseriň mazmuny barada «Biznes reklama» gazetiniň 2017-nji ýylyň 2-nji we 3-nji sanlarynda yzly-yzyna iki sahypa makala beripdik. Üstünden dört ýyl geçse-de, awtoryň çaklamary, öňe sürýän pikirleri öz güýjünde. Şonuň üçin bu kitaby dolulygyna terjime edip, size ýetirmegi niýet etdik.

## GIRIŞ

On üç ýaşymdadym, kakam meni Atlantada geçirilýän kompýuter tehnologiýalarynyň sergisine äkitdi. 1965-nji ýyldy. ABŞ-nyň «IBM» ýaly öňdebaryjy korporasiýalary tarapyndan ýygnalan, ululygy bir otagy dolduraraçarak möçberdäki kompýuter kakam üçin taň zatdy. Sebäbi ol tehnologiýanyň ösjegine, durmuşy özgertjekdigine ynanyp ýörensoň, dünýä ilkinji inen äpet kompýuterler onuň hyýalyndaky geljegiň buşlukçysy bolupdy. Sergi maňa welin, jinnek ýaly-da täsir etmändi, ýaş oglanyň garaýşy-da. Kompýuterleriň gödek sypaty, mähelleden ýaňa hyň berip duran sergi zaly, hatar-hatar bolup dörtburç-dörtburç demir gapyrjaklar içgysdyryjydy. Ýylpyldap duran ýekeje ekranam ýok. Ses ýazyp bilýän ýa ýazgyny ýaňlandyryp bilýän enjamam ýok. Sergidäki enjamlaryň bar başarýan zady saralgy ýumak ýaly kagyza leşger-leşger san çap etmekdi. Şol döwürlerde okan ylmy-fantastiki kitaplarymyň suratlandyryşyna görä, kompýuteriň nähili bolmalydygyny özümçe göz öňüne getirýärdim, ýöne görýän bu mähnet gapyrjaklarym hakyky kompýuter däldi.

Men 1981-nji ýylda Jorjiýa uniwersitetiniň ylmy-barlag laboratoriýasynda işleýärkäm «Apple II» kompýuteri gördüm. Şol kompýuterde tekst üçin kiçijek garamtyl ýaşyl ekran bar bolsa, mende o diýen täsir galdyrmandy. Ol öňki ýazuw maşinkasyna görä, bir mydar gowudy, sanlary grafiki maglumat görnüşinde görkezip bilýärdi, maglumatlary jemläp, ýzarlap bilýärdi. Emma barybir kämil däldi. Ol kompýuter durmuşyma täsir edip bilmändi.

Şondan iki aý çemesi geçensoň «Apple II»-ni modemli telefon simine birikdirenimde, meniň pikirim teýkary bilen üýtgedi. Garaşylmadyk üýtgeşiklik boldy oturyberdi. Telefon siminiň aňyrsynda tükeniksiz, aňyrsyna ýetip bolmajak bir dünýä açyldy. Ol ýerde onlaýn maglumat diwarlyklary, synag telekonferensiýalary bolup, bular «internet» diýlip atlandyrylýardy. Simiň aňry ujundaky portal äpet giňişligi, şol birwagtda adama kybap älemi açypdy. Bu giňişlik özüne bendi edýän jadyly ertekidi. Ol «erteki» adamy hem tehnikany bir bitewülige öwürdi. Men durmuşymyň täze derejä göterilendigini indi sünňüm bilen syzýardym.

Indi şol günlere seredip otursak, hakyky kompýuter eýýamy kompýuter bilen telefony birleşdirenlerinde, ikisiniň ägirt kuwwata, ýaşaýyş ukybyna eýe bolan pursadynda başlan eken. Şol döwürleriň kompýuterleri, diňe öz-özlüginde, üýtgeşik zadam däl eken. Mazmun boýunça üýtgeşmeleri-de diňe 1980-nji ýyllarda başlapdy.

Soňky üç onýyllykda kommunikasiýa we hasaplaýyş hadysalarynyň arasyndaky tehnologiýa konwergensiýalary (biri-birine gabat gelmek) ösdi, özgerdi, tizleşdi.

Internet, bütindünýä tory, mobil ulgam assa-ýuwaşdan kölegeden saýlanyp ugrady (bu tehnologiýalara 1981-nji ýylda-da köp kişi üns berenokdy). Netijede, häzirki zaman dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezine çykdy. Soňky otuz ýylda şu tehnologiýalara dahyllylykda, sosial ykdysadyýet bir galkdy, bir düşdi, täze eýýamyň gahrymanlary-da bir geldi, bir gitdi, ýöne ähli bolýan zatlarda ägirt uly ösüşe tarap umumy ymtylyş bardy.

Dünýäni özgerdip başlan, häzirki wagtda-da dowamly ösýän, indiki birnäçe onýyllyklarda-da ösjek, kämilleşjek bu taryhy, global trendleriň wajyplygyna, ähmiýetine düşünmek juda möhüm. Häzir-ä bularyň ähmiýetini peseldip biljek hiç hili päsgelçilik görnenok. Hatda bulary haýallatmaga ukyply bolar öýdülen käbir güýçler, dünýä meseleleri-de bu trendlere baglandy oturyberdi. Men bu kitabymda geljekki otuz ýylymyzy täze keşbe saljak 12 sany gutulgysyz tehnologiýa meýilleriniň ähmiýetini seljerip geçerin.

**Indiki sanymyzda:**

«Gutulgysyz» – güýçli söz. Belki, bu söz, käbir adamlar üçin «Dünýäde gutulgysyz zat barmy näme?!» diýýän kysmy, topulmaga taýýar dyzap duran öküziň öňünde galgaýan gyzyl esgi ýalydyr.

BIZNES WE MARKETING

# Brende at dakmak

**Döwletmyrat BABAÝEW,**
«Belli» studiýasynyň hünärmeni.

Täze brendler üçin gowy adyň örän uly ähmiýeti bar. Emma gowy at tapmak ýeňil iş däl. Bu gün çaklamalara görä, dünýäde 300 million töweregi kärhana bar. Diýmek, ulanylmadyk, täze we owadan at tapmak diýseň kynlaşypdyr. Ýeri, onsoň bu ýagdaýda gowy ady nähili tapyp bolar?! Geliň, munuň ýollaryna seredeliň. Brend atlary 6 topara bölünýär. Dünýäniň islendik brendiniň ady şu toparlaryň birine ýa-da şol birwagtda birnäçesine hökman girýär.

**1-nji topar**
**Eponim atlar**

Bir şahsyýetiň ady dakylan brendler. Meselem: «Mercedes-Benz», «Babayevskiy»... Köplenç, bular brendi döreden kişileriň atlary ýa-da olaryň maşgalasyndan biriniň adyndan gelip çykýar.

**2-nji topar**
**Suratlandyryjy atlar**

Bu atlar gös-göni degişli brendiň işini, ugruny aýdýar. Mysal üçin: «Türkmenhowaýollary», «Biznes reklama» gazeti. Beýle atlar senagata ýa-da degişli pudaga birinji girenler tarapyndan alynýanlygy üçin, hemişe diýen ýaly elýeterli bolmaýar.

**3-nji topar**
**Gysgaldylan atlar**

«BMW», «M&M'S» ýaly atlar. Bular, esasan, suratlandyryjy atlaryň gysgaldylan görnüşi bolýar. «BMW» – «Bavarian Motor Works» ýaly. Ýöne hemmesi beýle däl. Mysal üçin: «M&M'S» – doly görnüşi «Mars and Murrie» eponim adyň gysgaldylany.

**4-nji topar**
**Ýşarat edýän atlar**

Bu topar öz içinde üçe bölünýär.

***— Hakyky sözler***

Olar sözlükden alnan sözler bolup, brendiň aýratynlyklaryny we peýdalaryny nygtaýar. Meselem: «Clear», «Head&Shoulders».

***— Birleşdirilen sözler***

Olar iki sany hakyky söz birleşdirilip, bir söz görnüşine getirilýär. Mysal üçin: «Beko» ony esaslandyryjylar bolan Leon Bejerano we Wehbi Koçuň atlaryndan düzülen. Şeýlelikde, Bejeranonyň «be»-si, Koçuň «ko»-sy birleşip, «Beko» döreýär.

***— Toslanan sözler***

Toslanan atlar bar bolan sözlerde bir-iki harp oýnalyp ýasalan atlar bolýar. Mysal hökmünde: «Fanta» fantaziýadan gelýär. «Nivea» «niveum» diýen latyn sözünden gelip, Garpamyk diýmegi aňladýar.

**5-nji topar**
**Assosiatiw atlar**

Bir ýeriň ýa-da bellibir haýwanyň adyny ulanyp, ony öz brendiň bilen many taýdan baglanyşdyrmak. Mysal üçin: «Amazon», «Redbull». Amazonka günorta Afrikada ýerleşýän dünýäniň iň köp suwly derýasynyň ady. Ol derýanyň giňligi ýaly häsiýetlendirilip, dünýäniň iri onlaýn söwda ediş kärhanasynyň ady bolup durýar.

**6-njy topar**
**Abstrakt atlar**

Meselem: «Rexona», «Kit-Kat». Bu atlaryň düýpden aňladýan manylary bolmasa-da, gulaga owadan eşidilýär. Ýeri gelende bellesek, at dakylanda äheňiň orny uly. Mümkin bolsa, ady üç-dört bogundan aňry geçirmejek bolmaly. Sebäbi gysga atlar, uzyn atlara görä, ýatda galyjy bolýar.

Hawa, 6 topar şulardan ybarat. Bulardan daşgary, at saýlanylýarka ýene-de üns bermeli 2-3 sany ýagdaý bar. Pikirleniş hadysasynyň dowamynda, kellede mydama müşderiler bolmaly. Her bir ideýa olaryň gözi bilen seretjek bolmaly. Olar näme pikir ederkä? Olar näme diýerkä? diýip, özüňe mydama sowal berip durmaly. Sebäbi seniň brendiň adamlara hyzmat etmeli.

Bellemeli ýagdaýlardan ýene biri, tapan atlaryňyzyň elýeterliligini barlaň. Web saýtyňyz üçin domen alyp bilýäňizmi, barlaň. Içerki we daşarky bazarda şol adyň eýeçiligini ele alyp bilýäňizmi, barlaň. Käbir ýagdaýlarda diňe bir elýeterli at tapmak üçin 40-50 sany ady jemlemeli bolýar, kä mahal ondan hem kän. Galyberse-de, saýlan adyňyzyň beýleki dillerde näme many aňladýanlygyny biliň. Sebäbi şol söz başga dilde başgaça many-da aňladyp bilýär.

Görşüňiz ýaly, brende at dakmak bäbege ýa-da mysal alsak, öýdeçi haýwana at dakanyňdan hem has çylşyrymly. Şeýle-de bolsa, gowy at gözlemek köseneniňe degýär. Ýöne gowy at dakanyňdan soň, şol ada ysnat getirme. Iň möhüm ýeri şol.

**Çeşme: Jonathan Bell, «Brendlere at dakmak eksperti».**

belli creative studio | https://www.belli.studio/



**Biziň güýjümiz — pikiriň güýjünde, hakykatyň güýjünde, sözüň güýjünde.**
Aleksandr Gersen, ýazyjy.




**Durmuşyň beýik sowaly — adamlaryň arasynda nädip ýaşamaly?**
Alber Kamýu, filosof, ýazyjy.



**Käbir adamlar hemişe şol bir sahypasy açylgy duran kitap ýaly.**
Aleksandr Minçenkow, ýazyjy.



**Adamlar tebigaty boýunça biri-birine golaý, emma gylygy boýunça uzakda.**
Konfusiý, filosof.



**Biziň hakyky milletimiz — adamzat.**
Gerbert Uells



**Ilki bilen, adamlaryň mertebesini görmegi başarmak gerek, kemçilikleri hakda soň pikirlenmeli.**
Ali Apşeroni

Eger ýnam güýçli bolsa, ol daglary hem gozgap biler. Emma eger-de ol kör bolsa, ähli gowy zatlary astyna düýrläp, guma garyp biler. **Karl Genrih Waggerl**

Kim nämedir bir zada höwes bilen ýapyşyp, hyjuw bilen hereket etmegi başarýan bolsa, oňa arzuw edýän durmuşynda ýaşamak hem başardar. **Ardeşir Hagmaýer**